# Ölüp-direlen -6/ romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Medisina,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ölüp-direlen -6/ romanyñ dowamy 21.

Bir gezek Gyrmyzy öýüne girip barýarka edil girelgäniň agzynda mele saçlary gyrkylyp gysgaldylan, egnine oglanlaryňky ýaly ýeňsiz köýnek geýen, aýagy jalbarly, gözi äýnekli, uzyn dyrnaklary reňklenen bir gyz gabat geldi. Ol kiçeňräk gaýyş ýan torbasyny bir elinden beýleki eline geçirip durşuna akja dişlerini lowurdadyp, ýasama ýylgyryp:
– Salam, gelneje! Tanamadyňmy meni? – diýdi.
Sesi tanyş bolsa-da, Gyrmyzy ony nirede görendigini birbada ýadyna salyp bilmedi.
– Jemile men… Şirinlerde bolýadyň senem… Görüşýädig-ä.
Gyrmyzy şo bada tanady.
– O-o, Jema-a! Nirden çykdyň, gyz? Ýitip gitdiň-ä! Tanar ýaly bolmansyň sen-ä.
Gyrmyzy bu gyzy geçen ýyl Şiriniň öýünde köp görýärdi. Şiriniň aýtmagyna görä, Jemile ýerligi oňat maşgaladan bolan bir oglan bilen halaşypdyr, oňa durmuşa çykypdyr. Ýöne Jemiläni toý gününiň ertesi irden yzyna, atasy öýüne getiripdirler. “Bize ýedi derýaň suwuny içip, boljagy bolup, boýasy synan gyzyňyz gerek däl” diýipdirler. Kakasy bolsa ony şo gün guşluga-da goýman, öýünden çykaryp kowupdyr. O-da, nätsin, başga barara ýeri barmy, aglap, Şiriniň ýanyna gelipdir. Soň Jemile birdenkä ýitirim boldy. Gyrmyzy-ha zerur bolmansoň kän bir gyzyklanyp sorap durmady, Şirinem onuň nirä baş alyp gidenini aýtjak bolmady. Ynha, indem, pormusyny üýtgedip gelipdir…
– Sen sorama, gelneje. Daşary ýurtda bolup geldim. Dogrudanam üýtgäpdirinmi? Tanamadyň gerek ilki?
– Äýnegiň bolmasa, tanardym.
Jemile äýnegini aýryp:
– Sen indi şu ýerde ýaşaýaňmy? – diýip sorady.

— Hawa. Ýör, öýe gireli.
— Öz jaýyňmy? Ýa kireýine ýaşaýaňmy?
— Özümiňki. Hudaýa şükür! Äre çykdym-a.
— Wi-iý, tüweleme! Haçan? Bela ýaly-la, gyz, sen!
Öýe girdiler. Çaý başynda Gyrmyzy öz ýagdaýyny gysga gürrüň berdi. Soň Jemiläni diňledi. Jemile bassyr-ýussur edip oturmady. Ol telim ýyl bäri daşary ýurda gatnap ýören Ýazgül atly tanyş gelniniň yzyna düşüp, gazanç etmäge giden ekeni. Ýazgül ony bir garry är-aýalyň jaýyna ýerleşdiripdir. O ýerde Jemileden başga-da iki sany türkmen gelin bar ekeni. Olar üç bolup bir otagda ýaşapdyrlar. Nämährem zenanlar bilen keýp çekmegi halaýan dürli ýaşdaky erkekleriň göwnüni görüp, hyzmat edipdirler. Hyzmatyň bahasyny öý eýeleri kesgitleýän ekeni. Gazanç hiç neneň bolmandyr. Jemile gitmezinden öň tanyş-bilişlerinden birneme karz-kowal alypdyr. Ol gazanan pulundan bergisini üzüpdir, özüne egin-eşik alypdyr, gymmat şaý-sep dakynypdyr, gaýgyrman iýip-içipdir. Bir ýyla golaý wagtdan soň bularyň üstüne polisiýa işgärleri dökülipdir. Eslije jerime töledip, üçüsinem ýurtdan çykarmaly edipdirler. Ýogsa, Jemiläniň özüne galsa, ol hiç wagt yzyna dolanmajak ekeni.
— Wah, biraz pullanyp, ýeke özüm bir jaýa göçen bolsam, aýagym ýer tutjakdy. Ýetişmedim-dä — diýip, Jemile gözüni süzüp, hyrçyny dişledi.
— Birine barmaly ekeniň. Başyny aýlar ýaly erkek tapdyrmadymy? — diýip, Gyrmyzy degişdi.
— Gyw, olaň erkekleri biziňkiler ýaly däl. Üýtgeşik. Özleriniňki bilen kän işi ýok. Bärden baranlaň üstünde ölüp-öçüp barýalar.
— Meňem gidesim gelýä welin…
— Öňräk gitmeli ekeniň. Indi jaýyň bar, äriň bar… Wah-h, seňki ýaly jaýa pul ýygnap bilen bolsam, zady gaýgy etjek däl-le.
Jemile gaýyş ýan torbasyndan çilim gutusy bilen çakmagyny çykaryp, ýaýdanmaç dillendi:
— Öýde çilim çekdirýäňmi, gelneje?
— Çekiber — diýip, Gyrmyzy turup gitdi-de, küldan getirip berdi. — Onsoň nememi, häzirem Şiriniňkide bolýaňmy?
— Ýok, sögüşip gaýtdym-a oň bilen.

– Wiý, nämüçin?
– Gitmäkäm karz alypdym – diýip, Jemile gürrüň berdi. – Gelip, taňryýalkasyny bilen bersem, utanman, näme diýýä diý. Hany, muň üsti diýýä. O nähili üsti diýsem, şunça mahal saklap, pulumy mugt ulanjakmy diýýä. Ýok bolsa aýry gep, puluň bar wagty bir razy et-dä diýip, abyrsyz zat hantama. Azym-küjüm zadam soranok. A gyz, alan wagtym üstüne pul bermeli diýip gepleşen zadymyz ýog-a.
– Sür diý. Bir teňňe-de beräýme.
– Beremok. Berjegem däl. Ynsabam ýok, gyz. Entek göreris diýen bolýa, öz aýagyň bilen aglapjyk gelersiň diýýä. Barmajag-a borun menem. Kirli künti. Haçan görseň, aňkap dur.
– Arabaňy aňyrrakda tigirle diý!
Gyrmyzynyň kellesine bir pikir geldi. Jemiläni ýanyna alsa! Azat türmeden boşap gelýänçä şu ýerde bolsa! Kowusyň-a indi dolanaryndan dolanmazy ýakyn. Geljek bolsa, bu pillä gara bererdi. Gelmän geçsin! Jemile sowalga pul berer, hem höwür bolar. Jemiläniň yzyna düşüp gelýän erkeklerem ýatymlyk galmaz, puluny töläp, işini bitirensoň, ýeňsesini el ýaly edip giderler-dä!
– Haram ganjyk ýeriň-gögüň diregi bir özümdirin öýdýä – diýip, Jemile Şirine gaýybana paýyş sögündi.
– Häzir nirede bolýaň?
– Ýazgülüň ýanynda. Jaý tapynçam wagtlaýyn gaýrat et diýdim. Kyn-la, jan dogan. Jaýyna hiç kimi eltib-ä bolanok. Soňam menden ärini gabanýa. Gözüň bilen iýip barýaň-la gyz diýýä. Kän seretme, azdyrarsyň diýip, ýüzüni awyň sapy ýaly edip… Günüňe ýanaýyn! Seň ärsumagyňy başyma ýapaýynmy?
– Äri barmy oň?
– Wa-aý-waý… Är bolup ärmi, gyz?! Bigaýrat-la. Gutaran ülhit. Näme, Ýazgülüň beýläk gidip näme edýänini bilýän däldir öýdýäňmi? Aňyrsyna-da geçýä. Içjek awulygyny alyp berseň, heleýini gözüniň öňünde nemetseňem demini çykarjak haýran däl.
– Toba!
– Ýazgül-ä aýra ýatýas diýýä. Gije golaýyma-da getiremok diýýä. Äý, äri barjagam bolýan däldir-le.
– Ärli boldugyňmy ol?

– Şony aýdýan-da. Oňky ýaly ärli bolanyňdan ikimiz ýaly başy boş gezeniň müň esse gowy dämi?
– Ärsiz entäp ýör diýdirmejek bolýandyr-la. Içi ýanyp durandyr häli görseň.
– Howwa. Bolman näme?!
Az salym dymyp oturanlaryndan soň Gyrmyzy:
– Meňem ärli boldugym däl-le – diýip zeýrendi. – Hanha, otyr türmede, bitini şänik ýaly edip. Yzyndan iýer-içer äkitmegem meň görgim.
– Saklaý birini. Hany, ýokmy öňküje gelýänler?
– Ah, bi ýaşdan soň biziň ýüzümize kim seretsin, gyz?!
– Beý diým-ä, gelneje! Ýaş-a entek sen. Özüňi gowy saklaýaň. Seretjek kändir – diýip, Jemile onuň göwni üçin kiçi dilden bärde dillendi.
– Geregme däl-eý. Ondan özüň ýaly birini ýanymda saklanym gowy dämi?
– Waý, gel diýseň, men-ä ikelläp gelerin. Häliden bäri kyn görersiň diýip, soramaga ýaýdanyp otyryn.
– Geläý. Azat boşap gelýänçä boluber şu ýerde.
Jemile minnetdar garaýyş bilen ýylgyrdy.
– Şo Şirine berýänimi tölesem bolarmy, gelneje?
– Bolar, bolar-la. Göze-başa düşmeseň bolýa. Birem yzyňa tirkäp getirýän erkegiňi tanap getir. Soňy gepli-gürrüňli bolmasyn. Tutulyp-gapylyp ýörmäli.
– Bor, gelneje. Dogry aýdýaň. Arkaýyn bol menden.
Şo günüň agşamsy Jemile wagtlaýynça Gyrmyzynyň öýüne göçüp geldi. Iki otagly jaýyň birine goş-golaňyny ýerleşdirdi. Şeýlelikde, Gyrmyzy bilen Jemiläniň durmuşynda ömrüň howatyrly hem biraz elpe-şelpelige umyt berýän täze sahypasy açyldy.

22.

Gözi bilen görmese-de, Mezit dünýä inýän bäbekleriň arasynda iki jynsly hunsalaryň duş gelýändigine ynanýardy. Olar barada, seýregem bolsa, onda-munda eşidýärdi. Ýöne pitiwa bermeýärdi, köpler üçin geň-taň görünýän hunsa hakyndaky gürrüňlere biperwaýdy, “Dünýe giň, geň zat gytmy?” diýip, gulagynyň

duşundan geçirip goýbererdi. Ynha, ejesinden eşitdi welin, bu barada çynlakaý pikir edip başlady. Iki jynsly bäbekleriň dünýä inýändigine şübhe etdi. Şolar ýaly çaga dünýä inýänem bolsa, ejesiniň bireýýämler göbek kesende bir hunsa bäbegi bilkastlaýyn demikdirip öldürendigine ynanasy gelmedi. Owlak ejäniň aýdan zatlaryna huşy giden garry adamyň gury samahyllamasy diýip düşündi. Eýsem-de bolsa, bu pikir laý çykaryp ýörkä-de onuň kellesinden gitmedi.

Ikindinara galybyny ele alyp, kerpiç guýmaga başlan mahaly gözüniň çorbasyny süpürip, Magtym ýanyk geldi. Ýerine geçip oturmanka ol:

– Häli günortan dälileň sadakasynda Emin bilen gidişdim – diýip habar berdi.

– Jedelmi? Näme üstünde? – diýip, Mezit sorady.

– Ömür degmedige degýänmi men? Özi ilki başlady. “Gaýypdan habar bolmasa, ertir näme boljagyny bilýän ýok” diýdi. “O näme diýdigiň?” diýsem, “Hudaýyň ertirki etjek işi bir Özüne aýandyr” diýýä. “Ony bendesi bilmez” diýýä. Menem şapladyp, tutdum ýakasyndan.

– Ä-hä! Näme diýdiň?

– “Ol-a ertir ekeni, ýene bir hepdeden näme boljagynam bilýän bar” diýdim. Ýüzüme mölerili-ip bir seretdi. “Mölerme” diýdim. “Ynha, tilpun diýip bir tilsimat tapdylar” diýdim.

– Tilpun haçan eýýämden bäri bar?

– Diňlesene, walla! Meň diýýänim o köne tilpun däl, elde göterilýän tilpuny aýdýan. Soňky çykan…

– Ýeri?

– Şo tilpun, müçesine görä däl-dä, meň-ä başym çykanok welin, soňky ösdürimler, esasanam uşaklar şoň ýüzüne seredip, ertir nähili howa boljagyna çenli aýdyp otyr. Asyl ertir däl, ýene on günden bolmaly howanam bilýärler. Emine-de şeý diýdim-dä. “Hudaýyň erte-birigünki etsem-petseminem bilýä şü tilpun” diýdim. Adam hakd-a gepem ýok…

– Hä-ä, näme diýdi onsoň?

– Näme diýsin? Gepläbem bilenok. Sakawlap otyr.

Mezit galybyny suwly salma oklady-da, elini ýuwup, Magtym ýanygyň gaşyna geçip oturdy. Çaý guýundy.

– Senden düýn soraýyn diýip otyrdym, Magtym aga. Kelleden çykypdyr…
– Sizde kelle barmy bolman?! Sora şu wagt dile gelen wagty.
– Hunsa näme bolýar?
Magtym ýanyk “Äl-aýt, inim, bu sözi nirden tapdyň-aý?” diýýän ýaly Mezide çiňerilip seretdi.
– Hunsa?
– Hawa, hunsa.
– Şonam bileňokmy?
– Bilýän… Gyz-oglan…
– Howwa. Äý, Hudaý saklasyn! Ir döwür, heleýleň öýde dogurýan mahallary şoňňaly çaga bolsa, şo bolanja ýerinde demligine ýapyşaýýan ekenler.
Mezit anyk gürrüň eşitmek maksady bilen:
– O nähili? – diýip mönsüredi.
– Öldüripdirler. Ne awun, ne mawun dörän zat kime gerek? Ýetişensoň nädip il bolsun? Dogan badyna mekgesine mün, janyny gabyz et, iň gowusy şol. Şo zeýilli çagaň göbegini kesmelem, janyny almalam göbegenesimiş. Biz-ä eşitmiş dogrusy. Ejeňden sorap gör, Owlak ýeňňe ýagşy bilýändir, kän göbek kesdi.
– Onsoň oňa hökümet näme diýýä?
– Haý! Hököwmet ömrylla öldür diýermi? Hököwmediň düzgüninde adam öldürmek diýen zat ýok.
– Hiç kimiň düzgüninde-de adamy öldürmeli diýib-ä ýokdur.
Magtym ýanyk oýurganyp biraz oturdy-da:
– Onda saňa galsa, näme etjek? Ýaşabersin diýjekmi?
– Ýaşamasyn! Bolan badyna ýoguna ýan-da, dyn.
– Şo-da! Birmahal hunsaň nämediginem bilemzokdyk. Eşidemzokdygam. Soň çykdy ol. Heleýler raddomda dogrup başlaly bäri eşidýäs. Sebäp, ýaňky aýdanym, hököwmet degenok.
Şol wagt:
– Armaweriň, how! – diýip, aňyrdan köne mugallym Halmyrat aga göründi. “Hököwmetli” gürrüňiň bir ýan çeti onuň gulagyna degen eken.
– Hökümede zat diýmäň, how. Erbet iş etse-de, gowy iş etse-de, hökümet bilen işiňiz bolmasyn! – diýip, ol ýarym degişme bilen esasan Magtym ýanyga ýüzlendi.

– Işim-ä beterem bolar-aý! Häzir heleýiň hunsa çaga dogursa nädersiň? Hunsaň nämedigini bir bilýäňmi sen?
– Magtym, meni tanamadyň öýdýän. Halmyrat men – diýip, köne mugallym oýunlyga salyp, ýalan haýbat atdy.
– Haý-ý! Tanalmaýan Hammatdyryn öýdýäňmi? Seni ýasanam tanaýan. Kakaňa Abdy kömürçi diýýändirler. Pahyr gaty ynsaply kömürçidi. Ýöne, näme, neriň döli bolmaz diýip dogry aýdypdyrlar… – diýip, Magtym ýanygam öz gezeginde degişme bilen suňşurdy.
Halmyrat aga Magtym ýanygyň gapdalyna çökdi-de, barmak büküp, sanap başlady:
– Birinji bilen-ä, seň yz ýanyňy basyp barýan iki sany oglum bar. Soňam meň heleýimiň görnümden galanyna otuz-kyrk ýyl boldy. Indiden soň topugyna gan degjek heleý däl. Ikinjiden bolsa, seň o diýýän zadyň hälimi-şindi döräp duranok. Müň çagadan biri… Bardy-geldi, bagty ýatyp, oňňaly mahlugy meň heleýim doguraýsa-da, doguran ýerinde edil ýöne dünýä inmedik ýaly edäýerin. Üçünjiden, gerek bolsa, o meselede seni türkmençilik taýdanam, ylmy taýdanam okudyp biljek. Ylymda oňa germafrodit diýilýändir, belläp goý! Päheý-de welinim, Magtym!
Magtym ýanygyň sussy basyldy-da, dagy aýdara söz tapman:
– Hä-äýt! Pessaýlap uçaweri, haw! – diýdi.
– Dur entek, Halmyrat aga, näme radit diýdiň? Gaýtalap goýber – diýip, Mezit gulagyny tutdy.
– Germafrodit!
– Be-e, ylymam öwrenýämi ony?
– Weý, öwrenmese, bolmaz-a. Gaty köneden gelýän zat ol? – diýip, Halmyrat aga bilgeşleýin Magtym ýanyga degdi. – Güne seredip sagadyň näçe bolanyny aýdan ýaly zat däl bi. Aňyrsynda giden ylym ýatyr. Bilýäňmi şony, Magtym? Bileňokmy? Bilmeseň, soraber, uly boýuň kiçelesi ýok.
– Nämüçin soraýyn-aýt? Maň-a gerek zady ýok. Hanha, Mezide gerek, şoňa aýdyp ber – diýip, Magtym ýanygam kiçi dilden bärde kesirlik etdi.
– Aýdyp bersem, aslynda Germafrodit adam ady – diýip, Halmyrat aga esasan Mezide ýüzüne seredip gürrüň berdi. – Oň kakasyna Germes diýer ekenler, ejesiniň ady bolsa Afrodita. Ejesi bilen

kakasynyň adyny goşup, Germafrodit diýipdirler. Özem çensiz owadan oglan ekeni. Onsoň ol bir gyza aşyk bolýar. Ikisi bir-birini şeýle bir halapdyr, adam döräp, ýer ýüzünde beýle güýçli söýgi bolmandyr. Bir-birini sähel salym görmeseler, hut ölüp barýarmyşlar. Bir-birinden bir ädim uzaklaşmaga takady ýetenok diýýä. Onsoň bular Hudaýa arz edipmişler. “Eý, Hudaý!” diýipdirler. “Bir-birimizden aýra düşmeris ýaly, her ýerde hemişe bile bolarys ýaly, ölemizde-de birimiz beýlekimizden gijä galmaz ýaly, bir günde, bir ýerde bile öleris ýaly, ikimizi bir göwrä, bir tene öwür!” diýip ýalbarypdyrlar. Hudaýyň ýanynda kyn iş barmy? Alaga-da, şo demde olaň ikisini bir göwrä birikdiripdir. Erkek bilen urkaçyň teni birigensoň, boljak zat belli. Bir synada oglanyňam, gyzyňam jynsy jemlenipdir. Ana, munuň taryhynda şular ýaly gürrüň ýatyr.

– Bäh! Çynmykar-aý? – diýip, Mezit agzyny açyp, geňirgendi.

– Çyn bolmasa, bular ýaly köne gürrüň biziň gulagymyza gelip ýetermi? Ýalan gürrüň dörän badyna ölýär-ä. Özem, bir zady aýdaýyn, şu gürrüň Eflatunyň döwründe-de bar eken. Sebäp näme diýseň, Eflatun şu barada kitap ýazypdyr – diýip, Halmyrat aga özüçe delil getirdi. Ol sözüne dyngy beren dessine Magtym ýanyk başyny galdyrdy-da:

– Aýdyber, aýdyber, Hammat, elipden şermende biz-ä, sen ýaly okumyş däl, näme diýseň, ynanar oturarys – diýip, ýaňsylady.

– Häý, sen ýanyk doňuz, düzelmeýäň! – diýip, Halmyrat aga gatyrganan kişi boldy. Dem salym dymyp, has-da täsin gürrüň tapdy. – Arada telewizorda görkezdiler. Haýsy ýurtda diýenini kelläm alanok şu wagt, bir ýerde-hä ýaş oglanlar özlerini gyza öwürdýän eken.

– Dur entek. O nädip gyza öwrülýär? – diýip, Mezit haýran galyp sorady. – Oglandan gyz ýasaýalar diýjek bolýaňmy?

– Hawa. Indi medisina bir ölini direldip bilenok. Oglany gyza öwürmek dagy, puluny töleseň, itiň aňsady diýýä. Mezit han, şüýem germafrodit bolýar düýbüne seretseň. Ýöne dogabitdi däl-de, emeli germafrodit. Sen hunsa diýilse, üýtgeşik zatdyr öýdüp ýörme.

– Men-ä birinji gezek eşidýän weli, o nädip ol hunsa bolýar?

– Asly erkek bolup doglan bolsa, sypatyny gyza öwreniň bilen o

gyz bolaýanok. Häsiýetini nätjek? Häsiýetini üýtgedip bilmersiň-ä. Daş görnüşi gyz bolany bilenem edim-gylymy erkegiňki. Hunsa bor-da onsoň.
Bu gürrüňe Magtym ýanyk asla ynanmady.
– Munyň-a erteki, Hammat! Sen ýa-ha bizi aldajak bolýaň, ýa-da telewizirde toslama kino görüpsiň. Hiý, erkekdenem bir aýal ýasap bormy? O näme, kagyzmy, islän ýeriňden kesip alaga-da, beýlekä ýelmär ýaly? – diýip, ol garşy çykdy.
– Magtym, ajala sabyr berse, ölmän, gezip ýörsek, basym öz gözüň bilenem görersiň. Pis gylyk tiz ýaýragyç bolýar. Bize-de hä diýmän geler.
– Gelmez.
– Geler.
– O nämüçin gyza öwürdýärler? Bi näteňet düşünje bolýa? – diýip, Mezit sorady.
– Kim bilýä? Bir bähbitli ýeri bardyr-da.
Halmyrat aganyň bu geň gürrüňine ynanmaýan-da bolsa, Magtym ýanyk:
– Erkek çüpreýär. Şondan ol. Başga sebäbi ýok – diýip, öz pikirini aýtdy. – Oň üçin medisina-da gerek däl, pulam bermeli däl. Mugt. Zanny bigaýrat bolsa, heleýe öwrülmesi ýaman aňsatdyr. Öz obaňda gytdyr öýdýäňmi? Seredip gör! Uzyn köýnek geýmändir diýäýmeseň, birnäçesiniň heleýden tapawudy ýokdur.
“Öz iniň Baba ýanygam şolaň biri. Oňa näme diýjek? Heleýden tapawudyň ýok diýip bilermiň şoňa?” diýip, Mezit içinden Magtym ýanyga ýüzlendi. Daşyndan bolsa:
– Onsoň, Halmyrat aga, nememi, o diýýän ýurduňda özüni erkege öwürdýän gyzlaram barmyka? Ha ha! Ýa entek medisina o derejä ýetenokmy? – diýip, ýarym degişme bilen sorady.
– Aý, bardyr-la. Pylan zat ýokdur diýip bolmaýar bu döwürde. Tilsimat arkaly erkek eşek kürreläpdir diýselerem ynanjak men-ä – diýip, Halmyrat aga çyny bilen jogap berdi.
Biraz dymyşlykdan soň Mezit:
– Daşary ýurtlarda iki erkek nikadan geçip, är-aýal bolup ýaşap bilýämişler – diýip, üýtgeşik gürrüň tapdy. – Ýa iki sany aýal nikalaşypdyr diýip eşidýäs. Telewizir görkezip dur. Özem hökümet tarapyndan rugsatlymyş. Bikanun däl diýýä. Indi

men güman edýän, şolaňam birden biri hökman jynsyny üýtgetdirýän bolmaly.
– Dagy-dugyňyz-a bilemok weli, erkek eşikli heleýleň köpelişi ýaly, şoň çöwre ýüzem köpelýär gitdigiçe – diýip, Magtym ýanyk öz pikirini dowam etdirdi. – Nämüçindigini aýdaýynmy? Indiki är bolýanlar sölite, iş oňaranoklar. Onsoň aýallaram gahar edip, ärleriniň etmeli işlerini edişip ýörler. Baýak, mal bazaryna gitmeli boldum. Öýdeş oglumyň toý sähedi bellenen. Mal ötüriji üçin dört sany tokly alaýyn diýip barsam… kimi görendirin öýdýäňiz?
– Kimi gördüň?
– Alaşa agaň gyzy Näzigi gördüm!
– A göreňde näme? Alaşa agaň gyzyny görmek gadagan däldir-ä? – diýip, Halmyrat aga sorady.
– Dursana, walla! Yzyna gulak as-a! Ir döwür, Hammat, sen bilmel-ä, mal bazara uzyn etekliň aýagy sekmezdi. Mal söwdasyny diňe erkekler ederdi. Şo mahallar biz-ä beýleki bazarda-da aýal-ebtat kän görmezdik. Indi bazarda erkekden aýal köp. Mal bazarda dagy heleýiň işi bolmaly däl-ä. Dogrumy? Ana, Alaşa agaň gyzy gyzan bazaryň ortasynda töweregine erkek baryny üýşürip dur! Nämüçin durandyr öýdýäňiz?
– Nämüçin?
– Bazara mal çykarypdyr. Satmaga.
– Satmaga?
– Howwa, mal satmaga barypdyr.
– Aý, goý-a! Nähili mal?
– Daýaw agta öküziň ýüpüni saklap dur. Men-ä oňa ilki satýandyram öýtmedim. Mal alyp, indem birine garaşýandyr öýtdüm. “Nesip etsin! Näçä aldyň?” diýsem, “Alamok, satjak bolýan” diýýär. “Beh, mal söwdasyny edýäňmi?” diýsem, “Hawa, nähili mal gerek?” diýip dur. “Hany, bi köreken nirede? Eklenç seň başyňa düşäýdimi?” diýdim. “Köreken pul tanamasa, näme? Oda-suwa ýykylmaz ýaly, çagalara seredip oňarsa kaýyl” diýip, asyl göwni bir ýaly.
– Ana, ana-a! – diýip, Halmyrat aga dabara bilen Magtym ýanyga gop berdi.
– Oňa çenli meni alyjydyr öýtdümi, nämemi, bir jellap oň

daşynda köwejekläp ugrady. Çaky, öňem hyrydar çykyp, sorap giden bolmaly. “Aýal dogan, eliňi ber!” diýip, ýaňky Näzigiň goşaryndan tutup, silteläp, şapbat urup ugrady. Näzigem “Ýaňky baha bolmasa, bolanok” diýýär. O-da “Ýaňky diýýäniňi paýlaşýan, boldumy?” diýip, aldygyna şarpyldadýar. Menem agzymy öweldip durun. A-aý, telpek goýdum, Näzige heleý diýmersiň görseň. “Jan dogan, urup-urup, elimi owratdyň-a” diýen bolýa, ýöne elini çekesi gelenok. “Bahasy ýetdi indi şuň. Bize-de haýyr görer ýaly etjek bolsaň, boldy diý indi, nesip etsin diý” diýip, jellabam sypdyrar ýaly däl.
– Mal bazaryň jellaplary bilen aldyrman-ýoldurman söwda edip bilýän bolsa, Näzigem azy ýaran bolupdyr.
– Howwa-a… O barmana ýene biri geldi. Soň ýene biri. Wagyrdylary dik asmana galýar. Aý, garasaý, men ýaly keýpine şärik kän, bazaryň ähli adamsy üýşdi. Ine, Näzigiň daşynda egele bolşup durlar. Kileň ýüňi ýeten goç ýigitler, ýapy ýaly pyýadalar, Näzik şonda-da daryganok, “Mal gerek bolsa, bahasyny ýetiriň!” diýip, gaty arkaýyn. Menem ahyry ýadap: “Ylalaşyň, söwdaňyz küşat!” diýdim-de, gaýtdym. Ynha, indi Hammadyň aýdyşy boýunça, Alaşa agaň şo erkekpisint gyzam hunsa bolýar. Şeýle dämi, Hammat? Ýasawy heleý, edýän işem erkegiňki!
Halmyrat aga onuňka dogram diýmedi, ýalňyşam.
– Olar ýaly göz bilen seretseň-ä, bu-u-uw, abat adam tapmarsyň. Meň işe başlan döwrüm şü mekdebiň ähli mollumy erkekdi. Diňe Asýa diýip bir aýal bardy, ors dilini okadardy. Häzir nähili? Mollumlaň içinde erkekden aýal köp.
– Indi sen, Hammat, hudaýlygyňy aýt bize, bolýamy şü?
– Weý, bolman nirä gitsin?! Hökümediň düzgüni bar-a.
– Onda sen hököwmediň düzgüni bilen boluber. Özüm-ä, elimde erkim bolsa, heleý halkyny mekdebiň ýele ýanyndanam inderjek däl. Sen pikir edip gör-ä, bi zamanyň çagasy heleýi diňlärmi?
– Erkegiň işi, heleýiň işi tapawudy, bolmaz. Iş işdir. Esasy zat, gazanjyň gowy bolsun! Hiç kime eliňi serme, adam ogluna mätäç bolma!
– Seňk-ä düşnükli, Hammat! Gyzyňam mollum, gelniňem. Şoň üçin şeý diýip otyrsyň.

“Hawa, şoň üçin şeý diýýär” diýip, Mezit öz ýanyndan Magtym ýanygy goldady.
– Ýigitler, men size bir zady aýdaýyn – diýip, Halmyrat aga esasan Magtym ýanyga seredip gepledi. – “Duza gaçan duz bolar” diýen söz bar. Men ile görä ýaşaýan. Gelnim bilen gyzymyň mollumçylyk etmegi ilden çykgynçlykmy? Gaýtam, häzir men alaga-da, olary işden çykarsam, ana, şol ilden çykdygym bolmazmy? “Halmyradyň kellesi üýtgäpdir” diýmezlermi? Diýerler! Sebäbi tutuş millet, milletem däl, bütin dünýäň ümzügi şeýle. Garym-gatym. Erkegiň işini edýän aýal hemme ýerde-de bar.
“Tutuş millet şeýdýär diýip etmek dogrumyka?” diýip, Mezit öz-özünden sorady. Eýse, il etse dogrudyr diýip, şo tarapa yňybermelimi? Ile görä bolmasaň, ýaşamak kyn düşermi? Ýaşamaga ukyply bolmak üçin diňe ile görä bolmalymy? Dürs bilen nädürsi nädip seljermeli? Hany, Mezit han, baş çykarybilseň, çykar-da!
– Hammat, men Emin ýaly kündük süýräp ýören takwa däl – diýip, Magtym ýanyk öz diýenine tutdy. – Ýöne Hudaýa ynanýan. Hudaý erkegi erkek, aýalam aýal edip ýaratdymy, onsoň seň bujagaz gürrüňleň Hudaýyň işinden kem gözlemek bolýar. Ýalan bolsa-da, aýt! Heleý bolup geldiňmi, geziber heleýligiňe, näme etjek erkegiň işine burnuňy sokup? Heleýiň işini edýän erkege-de degişli şü.
– Baba ýanyga düşündiribilermiň şu diýýäniňi? – diýip, ahyry Mezidem gürrüňe goşuldy. – Ana, aýaly uçaryň biline basyp, Alla bilsin, haýsy ýurda gidýä, ony-muny getirip, satyşdyryp ýör. Babaň özem öýünden çykman ýatyr.
– Ana, ber jogabyny! – diýip, Halmyrat aga heşelle kakdy.
– Goýuň, how, şoň adyny tutmaň! Adamyň gürrüňini etseňizläň! Adammy ol?
Aýal gürrüňi diýmeseň, Läle aýtmyşlaýyn, çagalarynyň kirini ýuwup, çägini çatýanam Babanyň özümiş. Nahar-şoram bolsa, öýi syryp-süpürmelem bolsa, Baba edýärmiş. Müýnürgänogam. Gaýta “Men hasap-hesibe gömük-dä. Öýdäki bolsa şol ugruna ot ýaly. Her kim başaranja işini etmeli-dä” diýýärmiş. Şeý diýdigi, onuň erkek sypatly aýaldygyny özüniňem boýun aldygy bolanokmy? Şeýle bolsa, onda Magtym ýanygyň aýdyşy ýaly, aýalam, tersine,

uzyn köýnekli erkek boldugy bolýar. Ikisiniňem hunsa kemi ýok!.. Äý, bi hunsaly gürrüň nireden çykyp, nirelere geld-aý?
Mezit başyny galdyrdy-da, ozalbaşky gürrüňe dolandy:
– Halmyrat aga, ylym näme diýýä onsoň? Keselmi o zat?
– Kesel kemi ýok. Kä ýerde tebigatyň ýalňyşlygy diýjek bolýanam bar. Orslar “Ошибка природы” diýýäler oňa. Ýöne ol “ошибка” däl.
– Onda näme?
– Aýdýan-a, kesel diýýän-ä. Nädip döreýänini bilemok.
– Nesil yzarlaýamy?
– Aý, ýok-la, nesil yzarlaýa diýib-ä okan ýerim ýok.
– Onsoň nememi, şu biziň obamyzda şoňňaly çaga dogran barmyka? Hiý eşitdiňizmi?
– Ilçilikdir, ýok diýip bolmaz. Ýöne nädip biljek ony? Aýdylyp ýörlen zat däl-ä ol. Bolan badyna öldürip goýberýändirler. Wessalam!
– Häli aýtdym men saňa, Owlak ýeňňeden sora diýdim. Bilse, şo bilmeli – diýip, Magtym ýanyk pallady.
– Magtym aga, Owlak ýeňňeňde huş bamy nä? Irdenki iýen zadyny günortan sora, aýdybiljek gümany ýok – diýip, Mezit güldi.
– Harteçjal diýip eşitmediňizm-aý? Şu diýýän zatlaryňyzyň hemmesem Harteçjalyň goşuny. Başga zat däl! – diýip, Magtym ýanyk kesgitli gepledi.
– Onçasyny Emin bilýändir. Şo aýdyp berer.
– Eminiň adyny bir agzamaň, how. Aýdyp berse, gidiň-de, soraýyň özünden – diýip, Magtym ýanyk hüňürdedi.
Halmyrat aga sagadyna seretdi-de:
– Oh-h! Ana! Wagtym boldy. Ýigitler, men-ä gidip, pökgi görjek – diýip, gyssanmaç turup gitdi.
Birsellem dymyşlyk aralaşdy. Magtym ýanyg-a çakgysyny çykaryp, oturan ýerinde eline ilen agaç bölejigini bimaksat ýonuşdyrmaga başlady. Mezidem galybyny eline alyp, gürpüldedip kerpiç guýup ugrady. Hunsa baradaky pikirler welin onuň beýnisini terk etmedi. Hunsa çagany öldürip, ejesi dogry etdimikä? Günasi ýokmuka? Aslynda çynmyka şo gürrüň? Gandymyň ogly Ýazgeldiden sorap göräýse, nähili bolar? Köne saman sowrup ýören ýaly…

Magtym ýanyk Mezidiň oý-pikirlerini duw-dagyn etdi:
– Ýaňy bir gepiňde iki heleý nikalaşýa diýen ýaly etdiň welin, ugrunda barmy? Ýa Hammady oýnamak üçin diýäýdiňmi?
– Halmyrat aga ikimize özüni oýnadasy ýok-la. Ugrunda bolansoň aýdýan-da. Telewizir görkezip dur. Iki sany erkege-de nika gyýýalar.
– Onsoň nememi, olardan çaga-paga-da bolýamyka?
Bu soraga Mezidiň gülküsi tutdy. Ol soraga sorag bilen jogap berdi.
– Hiý şu ýaşyňa çenli erkegiň çaga doguranyny gördüňmi, Magtym aga? Ýa heleý heleýden göwreli bolar öýdýäňmi?
– Şony aýtjak bolýan-da menem. Çaga bolmajak bolsa är-heleý bolup nä görgüsi olaň?! Bu gürrüňiň-ä birhili boldy – diýip, Magtym ýanyk içki gümanyny dile getirdi. – Sen telewizire oňly düşünen dälsiň. Hiý, erkegem erkege öýlenerm-aý? Ir döwrüň patyşalary oglan saklar eken. Beçebazlyk üçin…
Magtym ýanyk çakgysyna dümtünip, dymdy.
– Onsoň?
– Näme onsoň?
– Beçebazlyk diýdiň. Ir döwrüň patyşalary… Şolar ýaly gürrüňler tapsana, Magtym aga!
Emma Magtym ýanygyň gürrüňçilige höwesi gaçypdy.
– Wah, gürrüň kän, kän-le… Ýöne geplemek üçinem gurbat gerek ekeni. Adam garransoň, dilinden başga zada güýje ýetenok diýýändirler. Biziň-ä indi dilimize-de güýjümiz ýetenok. Häk, şu wagt atanak egirip, bäş tüssejik derman alaýsam, gaşandyraýar welinim… Hany, oňňaly hezillik barmy? – diýip, ol gözüni ýaşardyp, pallady. Şondan soň onuň kän bir ugry bolmady. Biraz oturyp:
– Turdum, haw, men-ä. Alla ýaryň! Eý, waý, bilim! – diýip, egrerilip, ýanbaşyny tutup, öýüne gaýtdy.

## 23.

Haçandygy anyk ýadyna düşenok, ýöne telim ýyl mundan öň bir agşam Nurjahanyň şo-ol birmahalky dogran hunsa bäbejigi Owlak ejäniň düýşüne girdi.

Asyl o bäbejik diri bolsa nätjek? Ölmändir. Owlak ony boganda demligine gowşak ýapyşypdyr. Bäbejik däbşenekläp, daşyna dolanan köne arlygyny açypdyr. Onsoň görden süýrenip çykyşyna eýýäm haçan emedekläp ugraýar. Özem gyzyl aç. Çyrlap-çyrlap aglaýar. Iň erbet ýeri bolsa, Owlak ejäni emjek bolup, oňa tarap aldygyna süýşenekläp gelýär.
Owlak ejäniň ilki niýeti-hä ony emdirmekdi. Ýöne bäbejigi bireýýäm öz eli bilen öldürendigi ýadyna düşdi-de, bir ýerden gorky ýetişdi. Hasyr-husur döşüne ýapyşyp, göwsüni gorady. Bäbejigi golaýyna getirmedi. Hunsa çaga bolsa, geplemese-de, eljagazyny serip, çyr-çytyr aglap, gözi bilen şol süýt sorady oturdy. Onuň naýynjar garaýyşyna, mysapyr dilegine aýal bolup dagyn dözer ýaly däl. Şonda-da, her näçe nebsi agyrsa-da, Owlak eje oňa göwsüni bermedi. Bäbejigem ne aňry süýşdi, ne-de bäri, şo bir ýerinde emendi oturdy. Dilendi. Tä Owlak eje gara suw bolup, basyrganyp oýanýança çekeleşdi.
Ukudan açylyp, uly-uludan dem alyp otyrka-da Owlak eje ony hyýalyndan kowup çykaryp bilmedi. Kalbyna wehim aralaşdy. Düýşüniň aýdyňlygyna geň galdy. “Bu nämäniň alamatyka?” diýip, ýap-ýaňy gören düýşüni yormaga synanyşdy. Düýş yrymyna görä, ölen adam diriden zat alsa, gowulyga ýorulmaýar. Emma Owlak eje hunsa bäbege hiç zat bermedi. Emdirmedi. Eger emdiren bolsady, huşunda hökman bir berbatlyk bolardy. Kim bilýär, düýş uzaga çeken bolsa, ähtimal emdirerdi. Aýny pille oýananlygyna begense-de, görlen düýş onuň bar mazasyny aldy. Telim günläp ýadyndan çykmady. Çola ýerde ýa garaňkyda ýatyrka şol bäbejik direlip geläýjek ýaly, boglup öldürilendigi üçin hasabat soraýjak ýaly kän mahallar gorkup gezdi. “Hudaýym, Gandymam gurasyn, bäbegem gurasyn, üstesine menem guraýyn. Ýeri, nämüçin kesdiň göbegini şo gezek. Oturmaly ekeniň-dä gömlüp öýüňde” diýip, birmahalky eden işi üçin özüne-de käýindi.
Onsoň ol başyndan bir gara towuk aýdyp, soýdurdy. Anna agşamsyna gabatlap, palaw bişirdi. Işan agany çagyryp, aýat okatdy. “Öten-geçenleň ruhuna barsyn, bizden razy bolsunlar!” diýip, aglap dileg etdi.
Şondan soň hakykatdan-da köşeşdi. Kalbyndaky gorky zym-zyýat

boldy. Alada goýan ýakymsyz düýş gaýdyp gaýtalanmady. Owlak ejäniňem ne düýşi, ne-de bäbejigi ýatlasy geldi. Şeýdip, gysga wagtyň içinde hemmesi ýatdan çykyşdy. Soň büs-bütinleý unudyldy.

* * *

Emma, ynha, üstünden köp ýyllary geçirip, Nurjahanyň şol hunsa bäbegi, Owlagyň göbegenelik edip, iň soňky gezek göbegini kesen bäbejigi bu gün ýene geldi. Öňki ýaly düýşde gelen bolsa ne ýagşy, onda oýanyp gutulaýmaly. Ýok, düýş däl bi. Bu gezek ol huşda geldi. Özem, geň galsaň, galybermeli, emedekläp ýören bäbejik däl-de, hakyt epeý adam bolup, erkek kişiniň sypatynda geldi. Direlip geldi. Aslynda ol ölenem däldir. Owlak şo wagt gowşaklyk edendir. Ýogsa, bu wagta tümmegi ýitip gitmeli ahyryn.
Owlak eje hunsanyň öýe haçan girendiginem görüp ýetişmedi. Ol başyny galdyryp seredende hunsa nagyşly sandyga reje bilen münderlenip goýlan ýorgan-düşekleriň üstünde oturan ekeni. Özi-de, bolup oturşyndan misil tutsaň, dilegçilik etmäge däl-de, ar almagyň kastyna çykyp gelene ogşaýar. Ýüzi bürjeşip dur, gaşlary çytyk, nazary sowuk.
Owlak eje gözi kaklyşan dessine ony tanady. Hunsa! Nurjahanyň bäbegi! Ers-mers bolup geläýipdir. Gahardan ýaňa çişip, hanha, ýylan haýbatyny atyp otyr. Ýöne Owlak eje ondan birjigem eýmenmedi. Gaýta, hunsanyň sandygyň üstüne çykyp, eýemsiräp oturşy onuň gaharyny getirdi.
-Äý, sypatyň gursun, sypaty guramyş! Sandygyň üstünde nä körüň bar? Otyrýeriňi oýkara şondan başga ýer tapan dälsiň! – diýip, ol çyny bilen gatyrgandy.
Owlak ejäniň bujagaz sözlerini asla alga almaýandygyny äwmezek hereketleri bilen äşgär edip, hunsa biraz arkan gaýyşdy, aýbogdaşyny gurap, has-da ynjalykly oturdy. Owlak ejäniň bäbenegine gözüni dikip:
– Nämüçin gelenim-ä bilýänsiň. Bilýäň dämi? – diýip, düýpden başga zadyň gürrüňini etdi.
– Bilemok. Biljegem bolamok. Düş sandykdan!

– Bilmesin-ä bilýäň, onda-da aýdaýyn. Sen meni ejemden aýyrdyň. Ho-ol bir ýyl, gyşda, sowukda, daňdanlar… – diýip, hunsa köne saman sowrup ugrady.
Owlak eje birbada boýnuna almady.
– Kim aýrypmyş seni ejeňden? Menmi? Toba diý!
– Dagy kim bolsun?! Göbegimi kesmäkäň ömrümi kesdiň. Ýadyňa sal hany.
– Wiý, wiý, indi ýadyma düşdi. Sen o Nurjaň ogly dämi? Hunsa ahyryn sen.
– Men ejemi bir gezegem emip bilmedim. Bilýäňmi şony?
– Hawa.
– Emjekdim. Sen maý bermediň. Ejemiň süýdüni gysgandyň menden.
– Maý berip-bermän näme… O wagt, o dara-direde… Gysganarynmy, gyz? Ejeňi emmäge hakyň bolsa, emerdiň-le. Hakyň ýog-a – diýip, Owlak eje özüni aklamakçy boldy.
Hunsa özüçe dowam etdi:
– Ejemiň göwsüne inen süýt, bilýäňmi, diňe maňa degişlidi. Ony diňe men emmelidim. Meň rysgym, meň nesibäm şol. Sen meni nesibämden aýyrdyň. Ine-gana ýekeje gezegem emip ýetişmedim.
– Utanaňokmy şü ämärt boý-syratyň bilen emjekdim diýip oturmaga? – diýip, Owlak eje ony haýalçyratjak boldy. Bujagaz sözler üçin hunsa utanmady.
– Gyzyl açlygyma ugratdyň meni. Ejemiň bir damja süýdünem rowa görmediň. Tagamyny alyp bilmänjik gitdim.
– Aý-waý-eý! Ýykaýdyň-la halys. Bar emeweri, hanym! Ana, ejeň, tapman duran dälsiň, git-de, ýarylýançaň em. Utananogam… Maňa näme? Meň başymdan bir sowulaweri!
Hunsa gozganjyrady, gultundy.
– Meni nämüçin öldürdiň? Demime degmäge nä hakyň bar?
Owlak eje şelaýynsyrap:
– Aý, hanym, öldüremog-a seni – diýdi. – Ynha, diri ahyryn sen. Ölmänsiň-ä.
– Öldürdiň! Demikdirip öldürdiň. Köne arlyga dolap, kakamdan öwlüýä ugradan kim?
– Ugratmasyna-ha men ugratdym. Ýöne ölmänsiň. Ölmäweri! Men-ä begenäýdim.
– Ejem meni dünýä indirmek üçin nähili azaplar çekdi? Neneň

eliň bardy? Sen ejemiň ýerinde özüňem goýup gör. Dokuz aý garnyňda göteren perzendiňi biri alaga-da, öldürip goýberse nädersiň? Özüňe aýtman, bäbegiňi öldürse, janyňa ýakarmy?
– Toba diý! Ýakmaz – diýip, Owlak eje boýnuna aldy.
– Şo wagt sen näme pikir etdiň? Agzyma, burnuma esgi goýup, bogup, demikdirip, öldürjek bolup otyrkaň, hiý, şu zatlar barada haçanam bolsa bir wagt hasap okamaly boljagyň ýadyňa düşmedimi? Hiç kim bilmez öýtdüňmi? Hasap soralmaz diýip pikir etdiňmi? Hasabyň ulusy entek öňde. Pikir etme, basym jogap bermeli bolarsyň.
Hunsanyň bu gürrüňleri Owlak ejäni gorkuzdy.
– Ýöne bir zat etsek bolýar – diýip, hunsa dowam etdi. – Çalşyga jan goýmaly bolarsyň. Mezidiň janyny. Nädýä?
Owlak eje ilki “Şoň bilen başymdan sowulýan bolsaň, ana, Mezit, al-da ötäýt” diýmekçi boldy. Ýöne, ras çalşyk ediljek bolsa, hunsanyň garşysyna hunsa goýulmaly ahyryn. Hudaýuran hunsa üçin synasy düzüw, gül ýaly çagany ajala beräýmeli bolarmy?
– Şo diýýäniň-ä bolanok, hanym! – diýip, Owlak eje ekezlendi.
– Sebäbimi? Sebäbi Mezit sen ýaly hunsa däl! Bilip goý şuny!
– Tapawudy näme? Hunsa boldy, beýleki boldy, hemmesem bir jandyr-da.
– Samsyk gürrüň etme! Tapawudy kändir. Mezidiň janyny gereklän wagty Hudaýyň Özi alar.
– Meň janymam gereklän mahaly Hudaýyň Özi alardy-da. Sen Hudaýa garaşyp oturmadyň-a.
– Sebäbi sen hunsa! Hunsaň ýaşamaly ýeri däl bi ýer.
– Eýse, jany beren almaly dälmidir?
Owlak ejäniň biraz gahary gelip:
– Tüket indi! – diýip gygyrdy. Düzüw adam bolsaň, janyňa degilmezdi. Deçjalyň çagasy sen. Ejeň adam bolsa-da, özüň äjit-mäjit. Düş özüňem sandykdan!
– Onda bi hasap-hesibi soňa goýalymy?
– Nämäň hasap-hesibi, gyz? Seň bilen asyl hasap-hesibim bolmaz.
– Bir bigünä, neresse çagaň ganyna galdyň…
– Kim ol neresse diýýäniň? Senmi?

– Howwa.
– Neresse bolaýşyny! Günüňe ýanaýyn!
– Sen nähak adam öldürdiň!
– Hakmy, nähakmy, o zatlary men ejeň bilen özüm gepleşerin. Sen goşulma! Nurja ikimiziň aramyza girme!
– Goşuljak. Girjek. Hasap soramana geldim men.
– Be, be-e, şeýlemi? Hasap soramana gelipmiş-ä! Hany, gabyr bol şu ýerden. Ite-de uýat ýagşy. Adam pahyr utanmasa… Adammy sen? Sen-ä hunsa.
– O hasabyň ejeme degişli ýeri ýok. Sen maňa hasap bermeli.
– Ýit şu ýerden! Teýim bol! Häzir Mezit gelse, girere deşik tapmarsyň.
– Ha-haý! Mezidi yzyma düşürip, ýanyma almaýanmy gerek bolsa?!
– Beýle hezillik bar diýýä – diýip, Owlak eje ynamsyzlyk bilen ýaňsa aldy.
– Nädäýersiň, edil hamyrdan gyl sogran ýaly edip äkidäýsem?
– Golaýyna bardygyň äkitdigiň hasap edäý! Be-e, muny, gyz! Sesimi çykarmajak boldum welin, sen ýaman agzyňy sala goýberýäň. Diliňe dygy etdirip bilmeýän bolsaň, gömeýinden sogrup taşlaryn-a! – diýip, Owlak eje haýbat atdy.
– Hasapsyz zad-a ýokdur.
– Häk, hasabyň başyňy iýsin, hasaby başyny iýmiş! Düş sandykdan!
Öýüň ownuk-uşak işlerine mübtela bolup, girip-çykyp ýören Läle bir öwrümde Owlak ejäniň otagyndan çykýan hümürdini eşitdi. Biraz diň salyp duransoň “Kim bar, gyz, muň ýanynda?” diýip, geldi-de, gapydan boýnuny uzatdy. Şonda ol Owlak ejäniň oturan ýerinde galkyjyklap, düwülgi ýumrugyny somlap, sesini endiredip, üsti ýorgan-düşekli sandyga garşy hemle bilen azm urup gygyrýandygyny gördi. Allaniçigsi halda içini çekdi. Sandyga garşy seredip, ol ýerde haýbat atyp gygyrar ýaly hiç zadyň ýokdugyny görüb-ä hasam erbet boldy. Gözüniň okarasy ulaldy, ýüzi agardy, dili tutuldy. Dem salymda nämäniň nämedigine akyl ýetirdi. Onsoň ýuwmak üçin eline alan aýal geýimlerini goýmagy dagam unudyp, şo durşuna etek alty, ýeň ýedi, daş işige, Mezidiň ýanyna ylgady.
Gijara çaga lukmany Geldimyrady alyp geldiler. Ol Läleden

käbir zatlary soraşdyransoň:
– Gallýusinasiýa diýilýär muňa – diýip, Owlak ejäniň keselini takyklap berdi.
– O nähili kesel bolýar?
– Gallýusinasiýa bolanda adamyň gözüne her hili zatlar görünýär, gulagyna sesler eşidilýär.
– Hawa, şolar ýalyrak bir zatdygyn-a özümem çak edýän – diýip, Mezit ýuwdundy. – Indiki maslahat? Näme etmeli?
– Hassahana äkitmeli. Bejergi almasa bolmaýa. Keseliň gowus-a ýok welin, munuň ahyry dälilige çenli baryp ýetýär. Ahmal bolmaň, wagtyragynda nemetmeseňiz, soň onsoň, ötüşensoň, dälihana äkitmeli edäýmesin. Häzirden gamyny iýiň – diýip, Geldimyrat gorkuly gürrüň etdi.
– Hökman äkidäýmelimi? – diýip, Mezit ýaýdanmaç dillendi. – Öýde saklabersek, beterleşer öýdýäňmi? Özünden özi açylyp gidýänlerem-ä bar.
Geldimyrat Mezide ýarym agyzda düşündi.
– Hökman diýen zat ýok. Açylsa, açylaýýaram. Beterleşse, ondakyny onda görübermeli. Bi ýaşdan soň bi görgüliň ötüp-geçmeli ýeri ýok. Dogry dämi? Öýdenem çykýan däldir-le. Oturan ýeri özüniňkidir.
– Hawa-la. Diňe aýak ýoly. Oňa-da çagalar tekge berip äkidýär.
– Äý, onda öýde bolubersin-le! – diýip, Geldimyrat tüýs Mezidiň göwnünden turaýjak gepi tapdy. – Gaty nemediberse, habar et, bir alajy bolar. O-ol Abdylla murtuň ogly Tikgini bilýämiň?
– Şoň bir ogly iti bilen gepleşip ýör diýýädiler.
– Howwa-a. Ýo, iti bilen gepleşip, öz ugruna gezip ýörse boljagam welin, gitdigiçe bujurygy artýar. Baýak, Hommatlar agzaçar edende näme iş gopararyny eşitmediňmi?
– Ýok. Näme edipdir? – diýip, Mezit gyzyklandy.
– Agyz açylmazynyň öň ýany, ýaşulular agşam namazyna duran wagty münüpdir namazlyga. Daňatar aga azana gygyryp ugrapdyr welin, biýem yzyndan gaýtalaýar diýýä. Aý, agzy bekli, aç ýaşulular, aç adamam, özüň bilýäň, gaharjaň bolýa-da. Bir-ä aýdypdyr, “Aýryň, how, şuny. Kim çagyryp ýör muny” diýipdir. Ýogsa, o akyly bilen kim agzaçara çagyrsyn Tikgini?

Südenekledip, namazlykdan düşüripdirler welin, ana, turupdyr bir apy-tupan. Ilk-ä: “Menem namaz okajak” diýip, dyzapdyr. Soňam bolmajagyny bilip: “Aždar, Aždar, mäh, mäh!” edip, itini çagyrýar diýýä. Niýeti küşgürmek-dä. Item özi ýaly samsyk. Namazdan ellibizar geçip, ýaňkyny ugradybilenoklar diýýä. Millete iş bolupdyr.

Mezit wahahaýlap, hezil edinip güldi. Gözi ýaşaryp gitdi.

– Soň? Soň näme edipdirler? – diýip, ol gülki arasynda Geldimyratdan sorady.

– Onsoň Söýünmi, kimmi, bir-ä “Geldimyrady alyp geliň, ukol ursun-la şuňa” diýip ýalandan haýbat atypdyr welin, şo bada itinem taşlap, ýazzyny beripdir. Ukoldan öler ýaly gorkyar. Meni görse, edil Ezraýyly gören ýaly, saňňyl-saňňyl edip, asyl ugry bolmaz, derrew süzübiýr. Däli bolsa-da, akyly gözünde. O kesel olaň tohumynda bar-da. Aňyrsynda iliň küdesine ot berip ýören bir sähneleri bolupdyr. Damar-da. Gan çekýär. Abdylla murtam ýerinden gelme kendir guşakly. Ýogsam, bolmasa, ýaş oglan, ötmeli, geçmeli, wagtynda ugruna çykyp aladasyny eden bolsa, kim bilýär, düzelse, düzelibem giderdi. Etmedi-dä. Ýöne häzirem bir pille.

Bular Abdylla murt bilen onuň ýeldirgän ogly Tirkiş barada başly-barat gürrüň edip, bir sellem Owlak ejäniň derdini unutdylar. Diňe Geldimyrat gidenden soň, Mezit eliniň aýasyny eňegine diräp, öňküsinden ýitelen gözlerini çüýjerdip, öňe-yza hallan atyp oturan ejesine seredip, gaýga batdy.

24.

Gyrmyzynyň ýanyna göçüp geleli bäri Jemiläniň güni boş geçmedi. Edil öňünden gepleşilip goýlan ýaly, ol çykyp giderdi-de, uzak eglenmän, del gujagyň höwesinde gezip ýöreniň birini yzyna düşürip gelerdi. “Munuň gapydan çykaryna garaşyp duran ýaly-la, gyz. Salymyny bermän, idenekledip tapyp getiräýýä birini” diýip Gyrmyzy haýran galardy. Ol Jemiläniň erkek kişini ýüpsüz kökerýän jadysynda ýaşlygyň hem terligiň güýjüni görýärdi. Birmahallar özüniňem şular ýaly arzyly günleriniň, haý-haýly ýyllarynyň bolandygyny ýatlaýardy. Ömrüň

juwan çaglaryny yzyna dolap bolmaýanyna gyýylardy. Jemiläniň bolsa o zatlar bilen işi ýok. Toruna düşeniň islegini bitirer, puluny alar, wessalam!

Şeýlelikde, gün geçdigisaýy Gyrmyzynyň hem eli giňedi, gapjygy galňady. Ol Azadyň yzyndan gitmek üçin şaýyny tutup başlady. Gerek-ýaragyny tükellänsoň, Jemiläniň ugratmagy bilen ýola düşdi.

Iýer-içer ýaly zatlardan ýüküni tutup, Gyrmyzynyň ýöriteläp gelmegi Azady az begendirmedi. “Maladis-aý! Geläýipsiň. Gelersiň öýdemokdym. Saňa nä aňsatmy? Boşap baramsoň gadyryňy bilerin” diýip, ol zol gaýtalady oturdy.

Gyrmyzy Azadyň ýanynda bir gije boldy. Gaýtjak bolup durka ýaýdana-ýaýdana, toýludygyny ýaňzytdy.

– O nähili? Kimden? – diýip, Azat ör-gökden geldi.

– Waý, toba! Senden.

– Dur entek…

– Geçen gezek gelip gitdim-ä… Şonda galypdyr.

– Çynyňm-aý? Ýalňyşýan bolaýma.

– Hawa, çynym. Ýalňyşarynmy, toba. Ogulmy ýa gyz? Öňünden aýt.

Azadyň gözi-gaşy çytyldy. Ol bir alamat gözleýän ýaly, Gyrmyzynyň garnyna seredip durşuna ýuwaşja:

– Munyňd-a göze ilýän zat ýok. Hany, otur entek… O nadip sen göwreli bolýaň-aý? – diýip sorady.

Gyrmyzy näz bilen gülümsiredi, göwnübir jogap berdi:

– Boldum-da. Hä, bolmaly däl ekenimmi? Begeneňogam-la, gyz?

Ýok, Azat begenerli däl, gitdigiçe ýüzi gamaşýar.

– Gyrmyzy, hany hudaýlygyňy aýt! Näme etdiň?

– Eden zadym ýok, gyz, toba!

– Onda bi gürrüňi nireden tapdyň? Boş bolaýmasyn?

– Boş bormy, gyz?! Bäbejik. Ikimiziň çagajygymyz.

– Ýok, ýo-ok, Gyrmyzy! – diýip, Azat gözüni aýyrman onuň ýüzüne seredip gepledi. – Ikimiziňki däl. Dä-äl. Ýa sen başga birinden alypsyň, ýa-da göwreli diýip aldaýaň.

Gyrmyzy diňe öz diýenine tutdy.

– Aldarynmy, gyz?! Beterem göwreli. Hiç kimdenem alamok. Senden aldym. Diýýän zadyň näme, gyz, toba!

– Haky ýok!

– Nämäň haky ýok?
– Menden çaga bolmaga.
– Kim aýdýa ony?
– Gyrmyzy! Önelgesiz men.
Gyrmyzynyň depesinden sowuk suw guýlan ýaly, tisginip gitdi. Birbada ynanjagyny-ynanmajagyny bilmedi. O nähili önelgesiz? Öňki aýalymdan çagam bar diýýärdi-le! At oýnadýan bolmasyn?!
– Waý, goý-a! Onda Altyn näme? – diýip, Gyrmyzy sorag üstüne sorag ýagdyrdy. – Ondan bir oglum bar diýdiň-ä? Aldadyňmy ýa?
– Altyn näme, keýpine aýrylyşandyr öýdýäňmi?
– Kowdum diýip otyrdyň-a?
– Kowmadym. Özi gitdi. Menden çaga ýüzi düşmejegini bilensoň, gitdi-dä.
Gyrmyzyny aljyraňňylyk basdy. Dili tutuldy. Ömrylla kellesine gelmejek bu gürrüň başyny çaşyrdy. Ýüz beren oslanmadyk ýagdaýdan nädip baş alyp çykmalydygyny bilmän kösendi. Ýan beresi gelmedi.
– Altynyň özi önelgesizdir. Şoň üçin gidendir – diýdi.
– Aý-ow-w, adam çagasy! – diýip, Azat janykdy. – Soňky baran ärinden iki çagasy bar-a. Men Hudaý gargamadyk bolanlygymda menden dogurmal-a!
Ýeri, indi näme diýersiň, Gyrmyzy? Hataň düzederden geçdi. Aýbyňy nädip ýaşyrarsyň? Nämäni delil tutsaňam, nämeden ant içseňem, näçe sapalak atsaňam, hany, öňüňde gözüni mölerdip, jogap sorap oturan Azady ynandyryp bilseň, ynandyr-da! Bolan-goýan işleri bolşy ýaly aýtmaga bolsa gaýratyň çatanok, diliň baranok!
Özüni şunça arkaýynlyga salsa-da, Gyrmyzynyň sesi ysgynsyz çykdy:
– Men-ä bilmedim onda.
– Ýo, sen anyk aýt maňa, göwräňde çaga barmy ýa ýok?
– Bar.
– Kimden?
– Senden.
Azat içini hümledip, sowukganly garaýyş bilen Gyrmyzyny boýdan-başa uzak wagt synlap duransoň:
– Bolýa. Bar, gaýdyber – diýdi. Başga zat diýmedi.

– Azat jan, guşum-m!..
Azat sessiz çykyp gitdi. “Indi näme etmeli?” diýen sowal Gyrmyzyny ysgyn-mydardan gaçyrdy. Azat ömrüni türmede oturyp geçirmez ahyryn. Bu gün bolmasa, ertir boşap barar. Bardygy, bu işi ýöne goýar öýdýäňmi? Ilki bilen çaganyň kimdendigini soramazmy? Anyk jogap alansoňam “Oňarypsyň” diýmejegi-hä belli. Häzirden ugruna çykyp, çagany aýyrdaýsa nähili bolar? “Şo gezek ýalňyşan ekenim. Göwreli däl men. Boş. Aldawçy şemala çagadyr öýdüpdirin” diýäýse, Azat ynanarmy? Ynansa, ynanmasa, şu çaga gowulygyň üstünden eltjege meňzänok. “Aýyrdyp dynaýyn. Bujagaz günümi bulap oturybermäýin-le” diýip, Gyrmyzy karara geldi.
Ol Kowusy küýsedi. “Nirede, näme edýärkä? Ýatandyr ganym, bir loly heleýiň gujagynda. Men ýadyna-da düşýän däldirin” diýip gaharly pikir etdi. Romanlar